# Baş piträniñ hökümi, hikmeti, jynsy, mukdary, berilmeli wagty we berilmeli ýeri?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

**Piträniñ hökümi?**

Sorag: Fytyr sadakasynyñ (piträniñ) hökümi näme?

Jogap: Fytyr sadakasy (pitre) Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) parz eden parzlaryndandyr. Çünki Abdullah Ibn Omar (radiallahu anh) şeýle diýýär: **“Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hurmadan ýa-da arpadan bir ölçeg edip, Ramazanda fytyr (pitre) bermegi parz edendir.”**

Mundan başga zatlardan fytyr sadaka bermek dogry däldir. Bahasy iýmitden gymmat bolsada, pul ýa-da eşik, haly-kilim, gap-gaç ýaly zatlar fytyr sadakasy höküminde berilmegi dogry däldir.[1]

**Pitre kimlere wäjip, kimlere müstehap?**

Sorag: Pitre kimlere wäjip, kimlere müstehap?

Jogap: Erkek ýa-da zenan, uly-kiçi, orazaly ýa-da orazasyz hemme musulmanlara fytyr sadakasy (pitre) bermek wäjipdir/parzdyr. Bir kişi saparda-ýolagçy bolanlygy üçin oraza tutmadyk bolsada, onuñ fytyr bermegi gerekdir.

Müstehap bolýanlar barada aýtsak, Allah rahmet etsin fykyhçylarymyz ene göwresindäki çaga üçin pitre bermek wäjip däl, müstehap bolar diýendirler.[2]

Bir musulmanda özüniñ we maşgalasynyñ bir gije-gündizlik iýjek-işjeginden artygy bar bolsa, özüniñ ekläp oturan maşgala agzalarynyñ her biri üçin pitre bermelidir. Aklynda kemlik bolan üçin hem pitre beriler. Pitrede zekatda boluşy ýaly nisap ýokdur.

**Fytyr (pitre) sadakasynyñ hikmeti?**

Sorag: Fytyr (pitre) sadakasynyñ hikmeti näme?

Jogap: Käbir hadyslarda fytyr sadakasynyñ iki hikmet sebäpli meşru bolanlygy beýan edilýär.

Birinjisi: Bu sadaka garyplary doýurmak üçindir. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär: **“Olary (garyplary) bu gün dilegçilik etmekden halas ediñ.”** Çünki baýram güni bolanlygy üçin şatlanmaly günleridir. Olar bu gün şatlyklaryny, şükürlerini Robbine beýan edýän günleridir.

Ymmatyñ içindäki garyplaryñ we mätäçleriñ baýram gününde boýny bükük we pes ýagdaýa düşmezligi üçin, Allah Tagala fytyr sadakasyny (piträni) meşru edendir. Şonuñ üçin Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **“Olary (garyplary) bu gün dilegçilik etmekden halas ediñ”** diýendir.

Käbir rowaýatlarda bolsa, şeýle diýilýär: **“Baýlaryñyzy Allah Tagala munyñ (ýagny fytyr sadakasy) bilen päklär. Garybyñyza bolsa, beren (sadakasyny) has artygy bilen gaýtaryp berer.”**

Ikinjisi: Fytyr sadakasy oraza tutan kişi üçin (günälerden) päklenmekdir. Çünki orazasynda käbir kemçilikler bolup biler, orazalyka ýaramaz hereketler eden bolmagy mümkin we orazasyny päklejek zada mätäç bolup biler. Ine şonuñ üçin hem fytyr sadakasy, orazalynyñ gürlän dereksiz we ýaramaz sözleriniñ we şoña meñzeş zatlaryñ günälerinden päklenmegi üçin wesile edilendir.[2]

**Piträniñ jynsy (görnüşi).**

Sorag: Pitre höküminde berilmeli zatlar nämeler?

Jogap: Hadysda piträniñ aşakdaky bäş zatdan berilýändigi aýdylýandyr:

1-Bugdaý, 2-Arpa, 3-Hurma, 4-Kişmiş, 5-Peýnir.

Emma käbir alymlar hadysda diñe bu bäş görnüşiñ aýdylmagynyñ sebäbi, şol döwürde iýmit höküminde bulary ullanmak meşhur bolanlygy üçin diýip, bürünç we mekge ýaly iýmitleriñ ulanylýan ýerinde, bularyñ hem pitre berilmegini jaiz kabul edýärler.[3]

Alymlarymyzyñ aýdyşy sünnetde iýmitiñ belli bir jynsy pitre üçin şert goşulan däldir.[4] Şonuñ üçin hem bir ýurtda köp iýilýän[5] we ölçeg bilen ölçelýän zatlardan pitre bermek jaizdir diýendirler. Et ýaly terezi bilen çekilýän/tartylýan zatlardan pitre bermek jaiz däldir.[6]

**Piträniñ mukdary?**

Sorag: Piträniñ muktary näçe?

Jogap: Pitre höküminde bürünç ýa-da bugdaý ýa-da hurma ýaly bir ýurdyñ (köp ullanýan) iýmitlerinden uly-kiçi, erkek-zenan, erkin-gul her bir musulman (ýagny adam başy) üçin bir ölçeg iýmit bermek wäjipdir.

Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) muña degişli sahyh hadyslar rowaýat edilendir.

Piträni ynsanlar baýram namazyna çykmazyndan öñ bermelidir. Baýramdan bir-iki gün öñ berilsede zyýany ýokdur.

Bir öljeg (arapçada: sa') kile hasaby bilen üç kilä ýakyndyr.[7]

**Pitre haçan berilmeli?**

Sorag: Pitre haçan berilmeli?

Jogap: Baýramyñ öñ ýany berilmegi has fazyletlidir. Baýramdan bir-iki gün öñ berilsede bolýandyr. Ondan has öñräk berilmegi jaiz däldir.

Çünki piträni garyba baýramdam ençeme gün öñ berse, ol kişi ony harjap baýramda hiç zatsyz galyp we dilegçilik etmek ýagdaýyna düşüp biler. Şonuñ üçin hem piträni baýram namaza çykmazyndan öñ ýa-da bir-iki gün öñ ýany berilmegi musulmanlara buýrulandyr.[8]

Eger bir kişi unudanlygy üçin baýramdan öñ pitresini bermedik bolsa, ýadyna düşende baýramdan soñra kaza höküminde pitresini bermelidir.[9]Ramazan aýynyñ başynda pitre bermek meselesi bolsa, yhtylafly bolup, dogry däldigi gaty güýçli ähtimaldyr. Çünki adyndan hem belli boluşy ýaly fytyr, orazany açmak Ramazan aýynyñ soñunda bolar. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hem ynsanlara baýram namaza çykmazyndan öñ pitre bermegi buýurandyr.[10]

**Pitre kimlere berilmeli?**

Sorag: Piträni nirä/kime bermeli?

Jogap: Pitre diñe bir ýere beriler, ol hem garyplardyr. Çünki Ibn Abbas (radiallahu anh) şeýle diýdi: **"Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) fytyr sadakasy (pitre) orazaly üçin dereksiz we hapa sözlerden päklenme, garyplar üçin bolsa, doýumluk höküminde parz etdi."**[11]

Allah Tagala pitrelerimizi kabul etsin!

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Şeýh Ibn Useýmin, Fykhu'l-Ibadat, sahypa-212.

2-Şeýh Ibn Useýmin, Fykhu'l-Ibadat, sahypa-213.

2-Şeýh Ibn Jibrin, Fetawa es-Siýam, sahypa-185.

3-Şeýh Ibn Jibrin, Fetawa es-Siýam, sahypa-179.

4-Şeýh Abdulaziz bin Bäz, Tuhfetu'l-Ihwan bi Ejwibetin Muhimmetin Tetealleke bi Erkani'l-Islam, sahypa-155.

5-Şeýh Ibn Jibrin, Fetawa es-Siýam, sahypa-186.

6-Fetawa eş-Şeýh Muhammed es-Salih el-Useýmin, 1/465-467.

7-Ibn Bäz, el-Fetawa-Kitabu'd-Dawe, 1/122-123.

8-Şeýh Ibn Jibrin, Fetawa es-Siýam, sahypa-187.

9-Şeýh Ibn Jibrin, Fetawa es-Siýam, sahypa-187.

10-Fetawa eş-Şeýh Muhammed es-Salih el-Useýmin, 1/463.

11-Şeýh Ibn Useýmin, Fykhu'l-Ibadat, sahypa-213-214.

www.ahlusunnet.com